# Eýranda suw ýetmezçiligi sebäpli protestler bolup geçýär

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýranda suw ýetmezçiligi sebäpli protestler bolup geçýär
EÝRANDA SUW ÝETMEZÇILIGI SEBÄPLI PROTESTLER BOLUP GEÇÝÄR




*Ýüzlerçe raýat gurakçylyk problemasyna garşy köçelerde üýşüp, režimiñ we howpsuzlyk güýçleriniñ garşysyna çykyşlar etdi, howpsuzlyk güýçleri olara göz ýaşardyjy gaz bilen jogap berdi.*
*Eýran suw ýetmezçiliginden ejir çekýän käbir şäherler demonstratlaryñ «suw üpjünçiliginiñ ýaramaz dolandyryşy» hökmünde baha beren ýagdaýyna garşy protestler bolup geçýär / Fotosurat «Tesnim» habarlar gullugy.*
Eýranyñ çar künjegini gurşap alan gurakçylyk belasy we hökümetiñ suw gorlaryny peýdalanmakdaky geleñsizligi ýurduñ gündogar we günbatar etraplarynda protestleriñ bolmagyna sebäp boldy.
Zabul şäheriniñ ýüzlerçe ýaşaýjysy duşenbe güni demonstrasiýa geçirip, Seýistan welaýatynyñ Gilmend deryasyndan alýan suw

paýyny halka ýetirmekdäki geleňsizligini tankyt etdi.
Kürdüstan welaýatynyň Diwandere şäheriniň ýaşaýjylary-da üç gije-gündizläp agyz suwunyň kesilmeginiň yzyndan köçelere döküldi we hökümetiň garşysyna çykyşlar edildi.

- **Suwsuzlyk we weýrançylyk**

Hepdäniň duşenbe güni, ýagny, 1-nji iýul gününiň agşamy Diwandere şäherindäki protestlerden alynan wideoýazgylar we fotosuratlar hökümetiň howpsuzlyk güýçleriniň raýatlaryň protest çykyşlaryna garşy göz ýaşardyjy gaz ulanandygyny, emma hökümet güýçleriniň görkezen ýowuzlygyna garamazdan häkimligiň binasynyň öňünde üýşen raýatlaryň ygtyýarlylara şäherdäki suw ýetmezçiligini çözmäge çagyrýandygyny görkezdi.
Adam hukuklary boýunça guramalaryň habarnamalaryna görä, geçen ýekşenbe gününden bäri Diwandere şäherinde agyz suwy akanok.
Seýistan welaýatynda Zabul şäheriniň ýaşaýjylary geçen hepde ygtyýarlylaryň suw ýetmezçiligine seretmek boýunça bökdençliklere we Gilmend derýasyndan suw alyp bilmeýändiklerine garşy çykyp, ýene bir gezek demonstrasiýa geçirdi. Demonstratlar hökümete garşy sözler ýazylan ýazgylary göterip çykdylar.
«ISNA» habarlar gullugynyň habar bermegine görä, demonstratlar Seýistan welaýatyndaky suw ýetmezçiligi meselesine garamak üçin Eýranyň prezidenti Ybraýym Reisiniň ýygnak geçirmegini talap edýärler.
Eýrandaky gurakçylyk we suw gorlarynyň nädogry ulanylmagynyň dürli netijeleri bar we bulardan iň möhümi klimat göçlerindäki artyş.
Zabuldaky protestlerden alynan bir wideoda raýatlaryň biriniň ýurtdaky suw gorlarynyň nädogry dolandyrylýandygyndan we bu ýagdaýyň raýatlaryň durmuşyna oňaýsyz täsirini ýetirýändiginden söz açýandygy görüldi.
Demonstratlar, şeýle-de, ygtyýarlylary ekerançylyk we maldarçylyk pudaklaryna ýetirilen zyýan üçin dessine maddy kömek bermäge we bu pudaklary döwlet salgytlaryndan boşatmaga çagyrdy.

Hökümet ygtyýarlylary yzygiderli ýagdaýda Taliban bilen geçiren gepleşiklerinde Seýistanyñ Gilmend derýasyndan gelýän suwdaky paýy meselesiniñ üstünde duruljakdygyny öñe sürýär.
Şunuñ bilen birlikde Ybraýym Reisiniñ hökümet düzüminiñ düzülen gününiñ üstünden iki ýyl geçendigine garamazdan ýagdaý öñküligine galýar, hatda öñküsindenem nämälimleşýär.
Seýistan we Bulujystan welaýatyndaky Zabul, Nimroz, Zahk, Hamoun, Harand şäheriniñ ýaşaýjylary geçen hepdelerde uly maddy we adam ýitgilerine uçrady we ýagdaý umuman alanda 120 günläp dowam eden musson ýagyşlary sebäpli hasam ýaramazlaşdy.
Häzirki habarnamalar Seýistanyñ we Bulujystanyñ birnäçe ýerinde ýagan gazaply musson ýagyşlary netijesinde howply silleriñ döräp biljegine ünsi çekýär.
Bulujystan boýunça habarlar berýän «Haluş» habarlar gullugy Berkor gümrük zonasynda geçen günlerde ýagan ýagyşlaryñ yzyndan uly maddy ýitgileriñ çekilendigini, şeýle-de; azyndan on sany ýangyç satýan söwdagäriñ Nahgen derýasynda gark bolup ölendigini habar berýär.
Seýistandaky we Bulujystandaky derýalaryñ hanasyndan çykyp joşmagy krokodil hüjümi howpuny artdyrýar. Daşky gurşawy goramak boýunça edarasy sebitiñ ýaşaýjylaryna suwuñ üýşen ýerlerine gitmezligi haýyş etdi.




- **Klimatara göçler**

Gurakçylyk we suw gorlarynyň nädogry ulanylmagynyň birnäçe sebäpleri bar, bularyň iň esasysy-da klimat üýtgeşmeleri sebäpli göçhä-göçlükleriň artmagy bolup garşymyza çykýar.

Şonsuzam soňky ýyllarda birtopar eýranly maşgala gündogar-günbatar etraplardan orta-demirgazyk etraplara göçdi.

Ýasuj şäheriniň Sedat Mahmudi obasynyň ýaşaýjylary düýn «Horasan-3» bendiniň gurluşygyna nägilelik bildirmek üçin Kohgiluýe we Boýerahmet welaýatynda suduň binasynyň öňünde üýşdi.

«ILNA» habarlar gullugynyň habarnamasy bir raýatyň aýdan «10

müñden gowrak daýhan ýerinden-ýurdundan jyda düşüriler. Birnäçe tebigy we adam eli bilen döredilen baýlyklar ýitip-ýok bolmagyñ öñüsyrasynda dur, ýaşaýjylaryñ köpüsi garyp, ýeter-ýetmezçilik janyñy alyp gelýär» diýen sözlerini ulandy.
Kohgiluýe we Boýerahmet welaýatynyñ wekili Ahmet Mehdi Roşanfiker ilaty 10 müñden agdyk 17 obanyñ suwuñ astynda galjakdygyny mälim etdi.
Ol «Netijede bu ýaşaýjylar şäherdäki gije ýatylýan wagtlaýyn ýatakhanalarynyñ sanynyñ artmagyna garaşylýan Ýasuj şäherine göçmäge mejbur bolarlar» sözlerini ulandy.
Suw gorlarynyñ nädogry ulanylmagy Eýranyñ käbir sebitlerinde öñdenem ýörgünli halk protestlerine ýol açdy.
Hökümet ýurtdaky gurakçylygyñ we suw ýetmezçiliginiñ howpsuzlyk problemasyna öwrülmeginden gorkýar.
Muña mysal hökmünde görkezsek, Tähran 2020-nji ýylda Ahwazda we Yspyhanda suw ýetmezçiligi netijesinde dörän hereketleri diýdimzorluk, basyş, oka tutmalar, göz ýaşardyjy gaz, tussag etmeler, gynamalar we beýleki usullar bilen basyp ýatyrypdy.

«Independent Persian» internet gazeti, 03.08.2023 ý.
Publisistika